


**Amerikanyň ilçihanasynyň Maglumat we medeniýet bölümine (MMB) ABŞ-nyň hökümeti we onuň Türkmenistandaky syýasaty barada maglumat gözleýänler ilkinji nobatda ýüzlenip bilerler. Maglumat we medeniýet bölümi dürli maksatnamalary we hyzmatlary hödürleýär, şol sanda:**

- **Bilim we hünäri kämilleşdiriş alyş-çalyş maksatnamalary:** Hamfri we Fulbraýt stipendiýalary we Halkara wizitýorlar maksatnamalary
- **Ýerli başlangyçlar boýunça grantlar maksatnamasy:** Bu grantlar üçin ýerli guramalar we toparlar kiçi göwrümli jemgyýetçiligi ösdüriş taslamalary bilen ýüz tutup bilerler
- **Maglumat serişdeleri merkezi:** ABŞ barada maglumatly ykjam disklerde, Internetde maglumatlar bazalary, kitaplar, çap edilen neşirler, wideo-kassetalar we DWD-ler tölegsiz hödürlenýär. Internetden peýdalanyp Amerikany, halkara gatnaşyklaryny we hünär taýdan kämilleşmek üçin 9 sany kompýuter bar.
- **Amerikaly hünärmen maksatnamalary**
- **Ilçihananyň Internet sahypasy:** iňlis, türkmen we rus dillerinde maglumatlar we täzelikler hödürleýär, okuw, grant we iş üçin anketalary tapyp bolar
- **Seminarlar we maslahatlar**
- **Neşirler:** *Amerikanyň ýaňy* medeni žurnal we her üç aýdan cykýan Ilçihananyň habarlar toplumy
- **Alyş-çalyş maksatnamalarynyň uçurumlarynyň çäreleri:** Uçurymlar üçin kiçi göwrümli we Ýol harjy granty maksatnamalary, *Aluminum Boom* habarlar toplumy we uçurumlar üçin iş orunlary Internet sahypasy
- **Iňlis dili öwrenmek üçin arzan bahadan satylýan kitaplar:** mugallymlar we talyplar üçin gollanmalar, mugallymlar üçin okatmagyň usullary barada kitapçalar, okuw kitaplary, edebi kitaplar we audio/wideo serişdeler
- **Täze žurnallar:** 20-den gowrak amerikan žurnallary hödürlenýär. Žurnallaryň geçen sanlaryny öz çäreleriňiz üçin mugt alyp ulanyp bilersiňiz
- **Kitaplar bilen baýlaşdyrmak maksatnamasy:** MMB dürli çärelerde iňlis dilini we amerikany öwrenmek barada kitaplary ýerli toparlara berýär. Bu barada goşmaça maglumatlar üçin MMB bilen habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris
- **We başga-da serişdeler we hyzmatlar hödürleýär**

## MAGLUMAT WE MEDENIÝET BÖLÜMINIŇ IŞGÄRLERI:

**Maglumat we medeniýet bölüminiň ýolbaşçysy –** MMB-niň işlerini dolandyrýar we MMB-e degişli ÝUSAID, AKSELS we AÝREKS ýaly guramalaryň maksatnamalaryny hem-de dürli çärelerini utgaşdyrýar.

**Medeniýet we bilim bölüminiň ýolbaşçysy -** medeni we bilim maksatnamalary, Amerikaly myhman hünärmen we Iňlis dili maksatnamalary, şeýle hem alyş-çalyş maksatnamalaryny we uçurymlary bilen çäreleri utgaşdyrýar.

**Medeni meseleler boýunça hünärmen –** Fulbraýt we Hamfri stipendiýalary we Halkara wizitýor maksatnamalarynyň işini alyp barýar we MMB-niň beýleki maksatmalaryna ýardam berýär.

**Medeni meseleler boýunça kömekçi –** medeni we bilim taslamalaryna we Amerikaly myhman hünärmen maksatnamalaryna ýardam berýär; *Amerikanyň Ýaňy* neşirini taýarlaýar; iňlis dili kitaplarynyň satuw işlerini we AKSES iňlis dili okuw maksatnamasyny dolandyrýar.

**Maglumat serişdeleri merkeziniň hünärmeni -** merkeziň işini dolandyrýar, Ilçihananyň Internet sahypasyny täzeläp durýar, ABŞ we global meseleler barada täzelikler hödürleýär, habarlary ýaýradýar, we seminarlar geçirýär.

**Metbugat boýunça kömekçi -** ABŞ-nyň hökümetiniň Türkmenistanda geçirýän çärelerini habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ýaýradylmagyna ýardam berýär, metbugat habarlaryny, üç aýlyk habarlar toplumyny taýarlaýar.

**Grantlar maksatnamasynyň utgaşdyryjysy -** guramalara we jemgyýeti özgertmek baradaky taslamalary döredeiji toparlara grantlary bermek bilen, Ýerli Başlangyçlar Kiçi Grantlar Maksatnamasyny dolandyrýar.

**Uçurymlaryň işiniň utgaşdyryjysy -** hemme ABŞ-da alyş-çalyş maksatnamalar boýunça okap gelenler tarapyndan we olar üçin çäreleri, uçurumlar üçin grantlary geçirýär, habarlar toplumyny ýazýar, şeýle-de iş orunlary websaýty täzeleýär.

***Biz Size kömek etmäge we taslamalaryňyzy goldamaga taýýar!***

**Biziň salgymyz:** Baş girelge, 4-nji gat, Ak Altyn Myhmanhanasy, Aşgabat ş., **Tel.:** (+993-12) 36 33 31; 36 13 65
**Faks:** (+993-12) 39 46 43; **Elektron poçta:** irc-ashgabat@iatp.edu.tm; Internet: http://turkmenistan.usembassy.gov